# Aýlançak

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Aýlançak

AÝLANÇAK

Seň kalbyň bir zada gönükjek bolýar.
Täsir alýar adamlardan, goşgudan,
Täsir alýar aýdymlardan, bagşydan,
Täsir alýar asmanlardan, ýagyşdan,
Täsir alýar her reňkinden, nagyşdan.

Seň kalbyň bir zada gönükjek bolýar.
Täsir alýar adamlardan, goşgudan,
Täsir alýar aýdymlardan, bagşydan,
Täsir alýar asmanlardan, ýagyşdan,
Täsir alýar her reňkinden, nagyşdan.

Meň kalbym, asmanyň arassalap dur,
Ak bulutlar her dem ýagdyrjak bolýar,
Seň kalbyň aýdymdan doldurjak bolýar.
Butyn dünýäň kuýaşynyň reňkinden,
seň zülpüň boýaglap wah örjek bolýar.

Seň kalbyň aýlançak, şol aýlanyp dur.
Men bolsa, tabyndan düşürmän aýlam,
Aýlam-aýlam seň daşyňdan aýlanýan.
Sen bolsa asmanda, şol pyrlanyp ýöň.
Men cyň-arkan aýlançagyň astynda,
Sen bat alyp, meň daşymdan aýlanýaň.

Men çyň-arkan, aýlançagyň astynda,
Ak asmanda bulutlary eýleýän.
Ak guşlar ýasaýan hyýallarymdan,
Olar heşelleşip gonýar gerşiňde,
Posa alýar seň ysyňdan, müşküňden.

Aýlançakda ak guşlary aýlaýaň.

Şonda sen asmandan däne toplaýaň,
Bu zemine sepeleýäň penjeläp.
Men çyň-arkan, aýlançagyň astynda, Üstümde ak garlar sepelenen dek,
Örýän hyýalymdan bir-den aljyrap.

Bu menmi ýa öýkünmeli söýgümi?
Bu senmi ýa bir öýkünme aýdymmy?
Bu menmi ýa bir öýkünme goşgumy?
Bu menmi ýa gaýta ýagýan ýagyşmy?
Bu senmi ýa tekrarlanan nagyşmy?

Gapur HOJA.

Goşgular